# Edepnama: Halklar we taýpa-tireler arasyndaky dostluk barada

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Edepnama: Halklar we taýpa-tireler arasyndaky dostluk barada
HALKLAR WE TAÝPA-TIRELER ARASYNDAKY DOSTLUK BARADA

Dünýädäki halklaryň ählisi bir ata we bir eneden – Adam ata we How eneden (käbir türki halklarda Adam ata we How eneden, hristianlarda hem-de katoliklerde Adam we Ýewadan) doglan hasap edilýär. Dogrudan-da, adamzadyň asyl köki birdir, çünki adamlaryň haýwanat dünýäsinden bölünip aýrylmagy üçin tebigy şertler dünýäniň ähli künjeginde däl-de, belli-belli ýerlerinde döräpdir. Şol ýerlerde emele gelen ilkinji adamlaryň sany barha köpelip, olar bir ýere sygyşmandyrlar we dünýäniň çar tarapyna dargamaga başlapdyrlar. Howa we klimatik şertlere laýyklykda olaryň fizionomiýasy wagtyň geçmegi bilen üýtgäpdir: yssy ýurtlardaky adamlar garaýagyz, sowuk guşaklykdakylar bolsa akýagyz görnüşe geçipdirler, daglarda we belent ýerlerde ýaşaýanlaryň burny ulalypdyr (daglarda kislorodyň azlygy üçin, ondan ýeterlik paýyňy almaga uly burun gerek), öň diňe bir dilde gepleşen adamlar soňra dürli dilli halklara öwrülipdirler (türkmenler mundan ençeme müň ýyl ozal türki dilleriň altaý toparyna girýän mongol, tungus-manjur, koreý, ýapon ýaly gündogar halklary bilen bir dilli hem-de gan garyndaş bolupdyr). Şu zatlardan ugur alsak, halklaryň ählisiniň öz gözbaşyny bir çeşmeden alyp gaýdýandygyna düşünmek kyn däldir, şonuň üçin hem «Adam adama dogandyr» diýen pähimden ugur alyp, hemme halkyň wekilini öz doganyň ýaly görmek zerurdyr.
Şerigatda-da bu babatda: «Haýsy milletden bolandygyna seretmezden, siziň kowmuňyza hormat goýýan ulug kişilere

uçraşanyňyzda sylaşykly boluň» diýilýär.
Türkmen halky hiç wagtam milletçi bolmandyr, ol öz goňşy halklary, şeýle-de öz içinde ýaşaýan beýleki milletleriň wekilleri bilen oňuşyp, agzybir ýaşapdyr, olaryň käbir toparlaryny bolsa öz hataryna kabul hem edipdir. Türkmen taýpalarynyň düzüminde duş gelýän arap, gazak, galmak, gürji, kurt, mugal (mongol), nogaý, tatar, orus, täjik, ýaly onlarça tire atlary muňa aýdyň şaýatlyk edýär.
Milletara gatnaşyklarynyň ýitileşen we esasda ganly çaknyşyklaryň bolup duran häzirki döwürde beýleki milletleriň wekilleri bilen dostlukly ýaşamak has-da möhümdir, milletçilige eltýän her bir oýlanşyksyz hereketiň dessine öňi alynmalydyr.
Türki halklar hem bir kökden ýaýrapdyrlar, hatda biziň eramyzyň başlarynda olar häzirki Altaýyň, Mongoliýanyň, Hytaýyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň giň territoriýasyny öz içine alan Beýik Türk Kaganaty diýen güýçli imperiýanyň düýbini tutupdyrlar. Bu imperiýadan heder eden Hytaýyň diplomatik pirimleri netijesinde soňra bu imperiýa Gündogar Kaganat we Günbatar Kaganat diýen iki bölege bölünip, olaryň arasynda ençeme onýyllyklara çeken ganly uruş başlanypdyr. Bu bolsa Kaganatyň synmagyna we ondaky garyndaş türki kowumlaryň dumly-duşa dargamagyna getiripdir. Biri-birlerinden alysda ýerleşen uzak ülkelere aýrylyşyp giden türki halklar wagtyň geçmegi bilen özbaşdak halk we halkyýetlere öwrülip gidipdirler. Adynyň, geýýän eşikleriniň, dini ygtykatlarynyň dürlüligine, dilinde käbir tapawutlaryň bardygyna seretmezden, türki dillerde gepleýän azerbeýjan, altaý, balkar, başgyrt, gagauz, gazak, garagalpak, garaçaý, gumuk, gyrgyz, karagas, karaýym, kamasyn, nogaý, özbek, tatar, tofalar, tuwa, türk, uýgur, hakas, çuwaş, şor, ýakut, ýaly halklaryň wekillerine gan garyndaş hökmünde seretmelidiris, çünki olar bilen gadymy kökümiz, aslymyz birdir.
Şu ýerde bir mysal getireýin. Häzirki döwürde arasynda müňlerçe kilometr ýol ýatan, dilinde, edim-gylymynda hem görnetin tapawutlar bar bolan gyrgyzlaryň we türkmenleriň asyl köküniň birdigi, asla olaryň şol bir agajyň dürli şahalarydygy

aýdylsa, käbir adamlaryň muňa ynanmazlygy, şübhelenmegi mümkindir.
Bu ýerde ynanmaz ýaly zat ýok. Muny subut etmäge çalşalyň.
Öňi bilen, bu iki halkyň ikisi-de şol bir atadan-Oguz handan gaýdýar, hatda gyrgyzlaryň etnik ady gygyg oguz (ýagny gyrmyzy oguz, gyzyl oguz) sözlerinden emele gelip, ol Oguzyň ady bilen göni baglanşyklydyr.
Ikinjiden köp sanly «Oguznamalarda» gyrgyz halkynyň aslynyň oguzlardandygyny, gyrgyz halkynyň hem şol şahsyň nebereleridigini göni aýdýar. Şu awtoryň «Türkmenleriň şejeresi» diýen işinde Gyrgyz Oguz hanyň bir oglunyň gyrnagyndan doglan hasap edilýär.
Üçinjiden, mundan müň ýyl öň türkmenleriň esli bölegi häzirki Gyrgyzystanyň giň sähralarynda (Çu-Talas derýalarynyň, Yssykkölüň kenarlarynda, Jetiögüzde) ýaşapdyrlar. Hatda X asyrda türkmen patyşalarynyň paýtagty hem Çu derýasynyň ýakasyndaky Ordu şäheri eken.
Abylgazy Bahadyr han şol döwürde oguz türkmenleriniň ýurdynyň gündogary Yssykköl we Almalyk, kyblasy hem Seýram şäheri diýip görkezýär. Seljuklaryň esasy özeniniň Çu-Talas çülgelerinde ýaşan türkmen taýpalaryndan dörändigini hem bu aýdylanlaryň üstüne goşsak, türkmenleriň gadymy geçmişiniň gyrgyz sähralary bilen baglanyşyklydygyna göz ýetirmek kyn däldir.
Dördünjiden, biz öz ylmy derňewlerimizde bu iki halkyň 200 çemesi urug-tire atlarynyň biri-biri bilen deň gelýändigini, gaýtalanýandygyny anykladyk. Olardan 22 sanysynyň degişli taýpalary hem atdaş (meselem, türkmenlerde saryk, ärsary, gyrgyzlarda saruu, sary bagyş). Şol bir tire adynyň diňe bir özüniň däl, eýsem onuň degişli taýpasynyň hem deň gelmegi tötänlige ýer goýmaýar, eýsem ol kanunalaýyklykdyr, şol atdaş urug-tireleriň asyl köki birdir.
Bäşinjiden, gyrgyzlaryň kandy taýpasynyň düzüminde türkmen, türkmenleriň çowdur we igdir taýpalarynda bolsa gyrgyz we manas diýen uruglaryň bolmagy, Gorkut atanyň Başgyrdystan gyrgyzlarynyň taýpabaşy saýlamagy, galyberse-de, altynjydan, etnograf alym Muhammet Berdiýewiň barlaglaryna görä, gyrgyz we türkemen saçagyndaky ençeme etli tagamlaryň adynyň we

taýýarlanyş tärleriniň deň gelmegi, türkmen gülýakasynyň we bozbendiniň gyrgyzlardaky töönöç atly şaý-sep bilen meňzeşligi, köjime diýen türkmen nagyşynyň diňe günorta gyrgyzlarda we başgyrtlarda saklanyp galmagy doganlyk gyrgyz halkynyň  türkmenler bilen gadymy gan garyndaşlygyndan habar berýär.
Şeýle meňzeşlikleri we biri-birine gabat gelýän zatlary bolsa türkmenler bilen islendik türki halkyň arasyndan tapmak mümkindir.
Öz halkyny jany-teni ýilen söýmeýän adam beýleki halklara-da sarpa goýmaýar. Şonuň üçin hakyky watançy bolmaga ymtylmaly, öz halkyňy söýmeli, onuň gadymy taryhyny çuň öwrenmeli, ata-babalarymyzyň bize miras goýup ginden gowy däp-dessurlaryny özleşdiriň, olary mundan bu ýana-da ösdürmeli. Öz tiredeşleriňe, ugurdaşlaryňa, taýpadaşlaryňa hem ganybir garyndaş hökmünde hormat etmeli, ýöne olary beýleki urug-tire wekillerinden asla ýokary tutmaly däl, ähli taýpa-tirelere deň gözde seretmeli.
Häzirki ýaşlaryň düşüniksiz toparlarynyň arasynda, ylaýta-da goşun gullugyna alnan ýaşlaryň içinde tire-taýpa bölünişikleriniň gabahat mysallaryna duş gelinýär. Tutuş il bolup şu erbetligiň öňi alynmasa, tizden-tiz tire-taýpa dawalaryny öjükdirýänlere berk temmi berilmese, onda bu ýagdaýyň ýaňy garaşsyzlygyny ele alan türkmen halky üçin agyr zarba boljakdygy ikuçsyzdyr. Magtymguly şahyryň dogry belleýşi ýaly:

*Adam ogly tire-tire,*
*Bir-birinden bolar hyra.*
*Mürit hyzmat etmez pire,*
*Zamana ahyr bolanda.*

Ýa-da:

*Agzy ala bolan iliň*
*Döwleti gaçan ýalydyr.*

Eýsem, tireparazlyk nireden döreýär? Onuň köki nirede?

Öňde ýatlanan Beýik Türk Kaganatynyň rowaç döwründe (552-745-nji ýyllar) onuň raýatyndaky türki halklar uruşmaga ökde adamlar bolupdyrlar, muňa olary durmuş mejbur edipdir. Hytaý imperatorlary bu türki imperiýadan heder edip, ondaky türki taýpalaryň birini beýlekisine garşy öjükdirmegi başarypdyrlar. Dogan-dogan arasyndaky üznüksiz uruşlar iki tarapy hem güýçden salýar we imperiýa dargaýar.

Türkmenler babatynda onuň taýpalaryny biri-biri bilen tersleşdirmek syýasatyny goňşy feodal döwletleriň hökümdarlary, ylaýta-da Hywa hanlary hem ussatlyk bilen ulanypdyrlar.

Merkezleşen döwleti bolmadyk dagynyk türkmenleriň aýry-aýry taýpalarynyň 1855-nji ýylda Sarahsda Hywa jany Mädemininiň köp müň esgerden ybarat agyr goşunyny derbi-dagyn etmegi we özüni öldürmegi, marylylaryň 1861-nji ýylda Eýran goşunbaşysy Hemze Mürze Eşmet Daulyň agyr goşunyny kul-peýkun etmegi, ahally tekeler tarapyndan Gökdepe 1879-njy ýylda Orsyýetiň saýlama regulýar goşunlary bilen bolan söweşde gazanylan ýeňiş ýaly zatlar türkmen taýpalarynyň harby taýdan örän ukyplydygyny dünýä jar etdi. Türkmenistany basyp almagy niýetine düwen hanlaryň we şalaryň öz güýji bilen türkmenleri tabyn edip bilmejegine gözi ýetip, olaryň taýpa-tirelerini biri-birine garşy goýmak syýasatyny ulandylar. Diýmek, bizdäki taýpaparazlyk keseliniň tohumy türkmenleriň özi tarapyndan dälde, eýsem keseki basybalyjylar tarapyndan sepilen we ösdürilip ýetişdirilen zatdyr. Muňa her kimiň gowy düşünmegi gerek.

Häzirki döwürde-de bir tiräniň wekilleriniň beýlekilerden ala tutulmagy, ýolbaşçy işgärleriň şol bir taýpadan saýlanmagy ýaly zatlar il içinde nägilelik we agzalalyk döredýär. Bu zatlaryň, elbetde, öňi alynmalydyr.

Türkmen halky ençeme taýpadan duryar.

Orta asyryň görnükli alymlary bolan Muhammet Kaşgary (XI asyr), Reşideddin (XIV), Ýazyjy-ogly (XV), nusaýly Salar Baba Gulaly ogly Harydary (XIV), Abylgazy (XVII) we beýlekiler türkmenleriň 24 taýpadan ybaratdygyny, olaryň bolsa Oguz hanyň 6 oglundan dörändigini belleýärler. Reşideddiniň görkezişi

boýunça, Oguz hanyň Günhan diýen oglundan gaýy, alykýörli, baýat, garaöýli taýpalary, Aýhan diýen ikinji oglundan ýazar, dodurga, tüwer, baýarly, Ýyldyzhan diýen üçinji oglundan baýandyr, çowdur, beçene (peçeneg), çepni, Daghan diýen bäşinji oglundan salyr, alaýontly, eýmir, uregir, Deňizhan diýen altynjy oglundan bolsa igdir, ywa, kuduz we gynyk taýpalary döreýär. Diýmek, türkmen taýpalarynyň ählisi bir atadan gaýdýar. Ýokarda ady tutulmadyk, emma häzirki wagtda bar bolan teke, ýomut, saryk, sakar, ärsary, gökleň, alili, ýemreli, garadaşly, arabaçy, ýaly taýpalar hem ýokarda sanalan taýpalaryň böleklerinden emele gelipdirler. Meselem, saryk, ärsary, teke, ýomut, olam taýpalary salyrlardan dörän bolsa, ýemreliler (eýmir ililer) eýmirden, garadaşlylar ýazyrlardan, gökleňler gaýy we dodurgalardan aýrylan şahalardyr. Bu aýdylanlar türkmen taýpalarynyň ählisiniň bir kökden dörän äpet agajyň ululy-kiçili şahalarydygyny görkezýär. Şonuň üçinem olaryň ählisi deň saýylmalydyr. Hiç bir taýpa beýleki bir taýpadan artyk ýa kem däldir, olaryň wekilleri hem deň derejede orun tutmaga mynasypdyrlar.
Beýik Magtymguly hem «Türkmeniň» diýen goşgusynda:

*Tireler gardaşdyr, urug ýarydyr,*
*Ykballar ters gelmez, Hakyň nurudyr –*

diýip, ähli tireleriň bir dogandygyny nygtaýar.
Dilinde, eşiginde, dininde käbir tapawutlaryň bardygyna seretmezden, çet ülkelerde ýaşaýan türkmenler hem biziň bilen deň derejede şol bir atanyň nebereleridir we ganybir garyndaşymyz hökmünde biziň hormatymyza we sylagymyza mynasyp arkadaşlarymyzdyr.

Soltanşa ATANYÝAZOW. Pedagogika we edep-terbiýe